# Robin Guduñ mazarynyñ syry

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Robin Guduñ mazarynyñ syry ROBIN GUDUÑ MAZARYNYÑ SYRY

«Halal galtaman» ady bilen dünýäde meşhurlyk gazanan, iñlis balladalarynyñ gahrymany Robin Gud Ýorkşir graflygyndaky ýarym ýykylan abbatlygynyñ töwereginde jaýlanypdyr. Rowaýatlara görä ol wampir zenanyñ (gije gabyrdan çykyp, diri adamlaryñ ganyny sorýan) gujagynda jan beripdir. Soñ ol aýaly ýerli ilat öldüripdir. Şol töweregiñ häzirki eýesi-de (olam aýal adam), näme üçindir, adamlara Robin Guduñ mazarynyñ daşynyñ ýanynda görünmegi gadagan edýär. Şonuñ üçinem o taýyk diñe garañka duwlanyp barýarlar. Ýöne şo taýdan yzyna öwrülip gelenleriñ gorkudan ýaña janlary gyl üstünde bolup gelýärdi. Has anygy, olar ýarym öli haldady. Olar mazaryñ ýanynda ak lybasly, kellesi gara ýapynjaly bir ruhy görýärdi. Mundan ýigrimi ýyl owal, ýagny 1998-nji ýylda belli britan ekstrasensi hem-de wampirleri añtaýjy Şon Mançester guburyñ ýanyna baryp-gelmek üçin ýörite taýýarlyk gördi. Sarymsak baryny hem-de dem salnan suwy ýanyna göterendigine garamazdan, zenanyñ ruhy herhal göründi. Mançester ýanyp duran şemi öñe uzadyp: «Ýagtylyk ýetiş, ýagtylyk ýetiş!» diýip aýtdy. Geñ zat. Ruh bütinleý howatyr etmedi. Gaýtam golaýlaşdy.
Bolan wakanyñ yzyny welin Mançesteriñ känbir aýdasy gelenok. Göwresiniñ dolmuşdygyna garamazdan, ol ýola çenli ylgapdyr. Şol ýerde-de oña polisiýa hossar çykypdyr. Şowsuzlyga uçran wampir awlaýjy: «Dagy-duwara şo taýyk aýagymy sekmen!» diýýär. Muña hezil eden onuñ aýaly bolup galdy. Indi Mançester uzak wagtyny öýde geçirýär. Ozallar aýalyna ikilik edýärdi. Onsunam taşlady. Ynha, şuña welin düşer ýaly däl. Geň-taňsy wakalar